Internet sahypa üçin düzedip taýýarlan  ; Timur Kor

## *VIII. MORFOLOGIÝA WE DÜRS ÝAZUW  SÖZ TOPARLARY*

Türkmen dilinde hem ençeme müň söz ulanylýar. Şol sözleriň  bir topary özbaşdak many aňladýarlar, birnäçesi bolsa özbaşdak many aňlatman, kömekçi hyzmatyny ýerine ýetirýärler. Şonuň üçin hem dilimizde ulanylýan sözler, ozaly bilen, özbaşdak many aňladýan sözler we özbaşdak many aňlatmaýan sözler diýen iki topara bölünýärler.

**Özbaşdak many aňladýan** söz toparlaryna ***atlar, sypatlar, sanlar, çalyşmalar, işlikler, hatlar*** degişli bolup, özbaşdak many aňlatmaýan söz toparlaryna *ownuk bölekler, ses we şekil aňladýan sözler, modal sözler, baglaýjylar, sözsoňy kömekçiler, ümlükler* degişlidir.

Şeýlelik bilen, türkmen dilinde sözler, esasan, on iki sany uly topara bölünýärler:

1.Atlar— Myrat, okuwçy, goýun, oba.

2.Sanlar — bäş, on, ýüz, dördünji.

3.Sypatlar — gyzyl, ýaşyl, beýik.

4.Çalyşmalar — men, näçe, neme.

5.Hallar — daňdan, giç, ýassyn.

6.Işlikler — oka, ýaz, gel, gör.

7.Baglaýjylar — we, hem, welin, emma.

8.Sözsoňular — bilen, dek, deňeç.

9.Ownuk bölekler—my, -mi, -ka, -kä.

10.Modal sözler — mümkin, edil, ýok, ine.

11.Ses we şekil aňladýan sözler — bip-bip, ýalt-ýalt,_tark-tark,.

12.Ümlükler — wah, äh-hä, arman.

* * * *

**402-nji gönüktne.** Sözleri okaň we bularyň haýsynyň özbaşdak many aňladýandygyny, haýsynyň özbaşdak many aňlatmaýandygyny aýdyň.

Adam, beýik, emma, ýöne, otuz, biz, üçin, işleýär, okady, kimin, dek, sebäpli, agşam, öýlän, siz, arassa, hem, we, welin, kim, wah, haýsy, ah, weý-weý, wiý, bäşinji, ir, giç, kyn.

Turkmenkultur.com

**403-nji gönüktne.** Aşakdaky sözlemleri okaň. Ýazylan sözleriň özbaşdak many aňladýanlaryny depderiňize göçüriň.

1. Okuwçylaryň iňlis we rus dillerini öwrenmäge höwesleri günsaýyn artýar.

Men hem dostum Ata bilen iňlis dili kružogyna gatnaýaryn.

2. Oraza garaşanyň üçin sen giç gelipsiň.

3. Biz beýik dereklere seredip, ol ýerde kän durduk.

4. 0l gyzjagaz bilbil ýaly saýraýar.

5. Biz eziz Watanymyzy çyn ýürekden söýýäris.

Göçüren sözleriňiziň haýsy söz toparyna degişlidigini aýdyň.

* * * *

**404-nji gönüktne.** Özbaşdak many aňladýan söz toparlarynyň hersine degişli 6 sany mysal tapyp, depderiňize ýazyň.

**NUSGA:**

Atlar — oglan, ...

Sypatlar — gowy, ...

Sanlar — dört, ...

Çalyşmalar — men, ...

Hallar — öýlän, ...

Işlikler — ýazýar, ...

Turkmenkultur.com